***Mälim bolşy ýaly, şu ýylyň 4 — 8-nji awgusty aralygynda «Awaza» milli syýahatçylyk zolagynda guraljak BMG-niň deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan döwletler (LLDCs) boýunça üçünji halkara maslahaty geçiriler. Bu iri halkara çäräni ýokary guramaçylyk ýagdaýynda geçirmek maksady bilen, şu günler Awazanyň kenarynda taýýarlyk işleri dowam edýär.***

«Hyzmatdaşlyk gatnaşyklary arkaly ösüşi üpjün etmek» şygary bilen geçiriljek bu foruma Birleşen Milletler Guramasynyň deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan döwletleriniň düzümine girýän 32 ýurduň döwlet we hökümet Baştutanlary, 47 sany kiçi ada döwletleriniň we 49 sany az ösen ýurtlaryň ýokary derejeli wekiliýetleri ýygnanar. Birleşen Milletler Guramasynyň Baş sekretarynyň we onuň orunbasarlarynyň, şeýle hem birnäçe halkara, sebit guramalarynyň, maliýe institutlarynyň, jemgyýetçilik birleşikleriniň, ýolbaşçylarynyň we wekilleriniň hem-de işewür toparlaryň gatnaşmagyna garaşylýar.

Halkara forum deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan, az ösen we kiçi ada ýurtlarynyň, sebit hem-de halkara guramalaryň, iri kompaniýalaryň dürli derejeli wekillerini bir ýere jemlär. Onuň gün tertibine laýyklykda, häzirki zaman döwletara we halkara gatnaşyklarynda ileri tutulýan ugurlar — ykdysadyýet, söwda, senagat, ulag, energetika, maýa goýum, howpsuzlyk, ýokary tehnologiýalar, ekologiýa bilen baglanyşykly meseleler ara alnyp maslahatlaşylar. Onuň esasy maksady bolsa deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan ýurtlaryň ykdysady mümkinçiliklerini artdyrmaga, sebitara we halkara söwda gatnaşyklaryny giňeltmäge gönükdirilendir. Bu meseleleriň oňyn çözgüdi gatnaşyklaryň hilini özgertmäge hem-de netijeliligini artdyrmaga ýardam eder.

**Tirkeş JUMADURDYÝEW,**
**Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň uly mugallymy.**

Все права защищены

save pdf date >>> 05.12.2025